Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— MEN MÄHRIBAN HALKYMA, ONUŇ ÄGIRT ULY DÖREDIJILIK KUWWATYNA, EGSILMEZ MÜMKINÇILIKLERINE, BAGTYÝAR HEM-DE NURANA GELJEGINE BERK YNANÝARYN.

XXI ASYR — TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY!

# BALKAN

ESASLANDYRYJYSY — BALKAN WELAÝATYNYŇ HÄKIMLIGI

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

№37 (99597) * 2021-nji ýylyň 27-nji marty, şenbe.



## HORMATLY PREZIDENTIMIZ TÄZE ÝYLADYŞHANA TOPLUMLARYNYŇ IŞINE BADALGA BERDI

25-nji martda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ahal welaýatynyň Kaka etrabynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy — «Oguz ýol» hojalyk jemgyýeti tarapyndan gurlan hem-de ýurdumyzyň obasenagat toplumynyň önümçilik düzüminiň üstüni ýetiren döwrebap ýyladyşhana toplumynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz sanly ulgam arkaly ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda gurlan täze ýyladyşhanalaryň açylyşyna ak pata berdi.

Hormatly Prezidentimiziň dikuçary TSTB-niň agzasy — «Oguz ýol» hojalyk jemgyýeti tarapyndan G.Atabaýew adyndaky daýhan birleşiginiň çäginde gurlan ýyladyşhananyň golaýyndaky ýörite meýdançada gonýar. Döwlet Baştutanymyz bu ýerde ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda dabaraly ýagdaýda toý bagyny kesýär hem-de pomidor, şeýle hem gök önümleriň beýleki görnüşlerini ösdürip ýetişdirmek üçin niýetlenen toplumyň çägine girýär.

Sungat ussatlarynyň joşgunly ýerine ýetiren aýdym-sazly we tansly çykyşy dabaranyň öwüşginini has-da artdyrdy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow dabaranyň geçirilýän ýerine baryp, bu ýere ýygnananlara gutlag sözi bilen ýüzlendi. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyz syýasy-jemgyýetçilik, ykdysady we medeni taýdan uly ösüşleri başdan geçirýär. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny ýokary depginler bilen ösdürmek boýunça giň möçberli maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar. Garaşsyz ýurdumyzyň ähli ýerlerinde döwrebap önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalar yzygiderli gurlup, ulanylmaga berilýär. Dünýäniň ösen döwletleriniň täze tehnologiýalary, ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlary önümçilige giňden ornaşdyrylýar, müňlerçe täze iş orunlary döredilýär.

Biz «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda eziz Diýarymyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli onlarça täze döwrebap desgalary işe girizmegi meýilleşdirýäris diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi. Ine, şu gün hem welaýatlarymyzda döwrebap tehnologiýalar ornaşdyrylan gök önümler ýetişdirilýän ýyladyşhanalaryň bir wagtda altysyny dabaraly ýagdaýda açyp, ulanmaga berýäris diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Bu önümçilik desgalary Ahal welaýatynyň Kaka we Ak bugdaý etraplarynda, Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherinde, Daşoguz welaýatynyň Görogly, Lebap welaýatynyň Çärjew, Mary welaýatynyň Sakarçäge etraplarynda gurlup, olaryň umumy meýdany 35 gektara barabardyr.

Ýurdumyzyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary tarapyndan gurlan bu ýyladyşhanalar ýylda 8 müň 750 tonna gök önümleri öndürmäge niýetlenendir. Häzirki zaman tehnologiýalary we suw tygşytlaýjy ulgamlar ornaşdyrylan ýyladyşhanalaryň işe girizilmegi bilen 400-e golaý täze iş orny döredilер diýip, milli Liderimiz belledi.

Döwlet Baştutanymyz sözüni dowam edip, ýurdumyzda azyk üpjünçiligini pugtalandyrmak, oba hojalygynda geçirilýän özgertmeleri has-da kämilleşdirmek, bu ugurdaky işleri döwrebap usulda guramak we pudaga hususy önüm öndürijileri giňden çekmek boýunça maksatnamalaýyn işleriň alnyp barylýandygyny, hususy önüm öndürijiler üçin oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek boýunça ýörite ýer gaznalarynyň yzygiderli döredilýändigini nygtady.

Mälim bolşy ýaly, oba hojalygy ykdysadyýetde esasy orunlaryň birini eýeleýär. Pudakda öndürilýän dürli görnüşli önümler ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmekde, senagat kärhanalarymyzy gymmatly çig mal bilen üpjün etmekde, şeýle hem onuň özümizden artýan bölegini daşarky bazarlara ýerlemekde uly ähmiýete eýe bolýar.

Şonuň bilen baglylykda, döwletimiz tarapyndan oba hojalygyny ösdürmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli pugtalandyrmak, şeýle hem pudakda hususy önüm öndürijileriň paýyny artdyrmak we döwrebap önümçilikleri döretmek üçin uly möçberde maýa goýumlaryny çekmek boýunça hem giň gerimli işler alnyp barylýar diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Bulardan başga-da, ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijilerine dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň ýokary öndürijilikli tehnikalarynydyr gurallaryny, önümçilik kärhanalary üçin döwrebap enjamlary satyn almaklary hem-de önümçilige öňdebaryjy tejribeleri we tehnologiýalary giňden ornaşdyrmaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Oba hojalygynda iş alyp barýan hususy önüm öndürijiler üçin amatly şertleri döretmäge we olary maliýe taýdan goldamaga hem möhüm ähmiýet berilýär. Şu maksat bilen, olara ýeňillikli bank karzlary berilýär.

Ýurdumyzyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary özlerine berilýän döwlet goldawyndan netijeli peýdalanyp, gysga döwrüň içinde döwrebap ýyladyşhanalaryň 400 gektardan gowragyny gurup, işe girizdiler. Şeýlelikde, häzirki wagtda daşary ýurtlardan getirilýän gök önümler düýpli azaldy diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Geçen ýyl Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň ýetişdiren 37 müň 750 tonna pomidory daşary ýurtlara eksport edildi. Bu bolsa şondan öňki ýyl bilen deňeşdireniňde, 70 göterim köpdür. Şu ýylyň iki aýynda bolsa 16 müň tonna ter pomidor beýleki döwletlere iberildi diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow belledi.

Şeýlelikde, hususy telekeçilerimiz daşary söwda gatnaşyklarynyň häzirki zaman usullaryny ele almak bilen, söwda-ykdysady gatnaşyklary yzygiderli giňeldip, täze hyzmatdaşlary tapýarlar we bazarlary açýarlar. Bu bolsa ýurdumyzda önümçilikleriň köpelmegine, maýa goýum serişdelerini özleşdirip, täze kuwwatlyklaryň döredilmegine güýçli itergi berýär.

Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly, ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Prezident maksatnamasynyň baş wezipesi ykdysady ösüşi hil taýdan täze derejä çykarmakdan ybaratdyr. Raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuşynyň hilini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmekdir. Adam maýasynyň ösüş derejesini has-da ýokarlandyrmakdyr.

Prezident maksatnamasynyň we sebitleýin maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň mundan beýläk hem depginli ösüşini üpjün etmäge, täze iş orunlaryny açmaga şert döreder. Ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny berkidip, ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga gönükdirilen nobatdaky ädimleri ätmäge mümkinçilik berer.

Döwlet Baştutanymyz häzirki döwürde azyk howpsuzlygyny üpjün etmegiň we oba hojalygyny durnukly ösdürmegiň örän möhüm wezipeleriň biri bolup durýandygyny belledi. Şoňa görä-de, ýurdumyzda azyk bolçulygyny berkitmek, bu önümleriň nyrhlaryny durnukly saklamak, agrar gatnaşyklary kämilleşdirmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar.

Maldarçylykda, guşçulykda, ekerançylyk pudaklarynda hem täze hojalyklar döredilip, döwrebap önümçilikleriň düýbi tutulýar. Bu ugurda kabul edilen we amala aşyrylýan maksatnamalaryň hem-de meýilnamalaryň çäklerinde gurulýan kärhanalaryň, desgalaryňdyr binalaryň ulanylmaga berilmegi netijesinde, müňlerçe täze iş orunlary döredilýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň sebitleriniň öndüriji güýçlerini we önümçilik gatnaşyklaryny doly derejede ulanmagyň baş maksatlarymyzyň hatarynda durýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, welaýatlarymyzy ykdysady taýdan toplumlaýyn ösdürmek şol syýasatyň işjeň guralyna öwrülýär hem-de bu ugurdaky işler maksatnamalaýyn esasda alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda şular ýaly önümçilik desgalarynyň giň gerim bilen gurlup, bagtyýar halkymyzyň hyzmatyna berilmegi «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilen ýylda aýratyn many-mazmuna eýe bolýar diýip, milli Liderimiz aýtdy. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygynyň baýram edilýän şu ýylynda ata Watanymyz hakykat ýüzünde parahatçylygyň we ynanyşmagyň mekanyna öwrülýär. Bu bolsa eziz Diýarymyzda asuda durmuşyň, erkin zähmetiň, depginli ösüşiň dabaralanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Bu hakykat biziň ykdysady ösüşlerimizde, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň barha ýokarlanmagynda, gülläp ösýän berkarar Watanymyzda halal zähmete uly sarpa goýulýandygynda öz aýdyň beýanyny tapýar.

Biz «Döwlet adam üçindir!» diýen taglymatdan ugur alyp, halkymyzyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilen netijeli çäreleri durmuşa geçirmegi mundan beýläk-de dowam etdireris diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Soňra döwlet Baştutanymyz dabaraly ýagdaýda sanly ulgam arkaly TSTB-niň agzalary tarapyndan ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda gurlan ýyladyşhanalaryň ulanylmaga berilmegine ak pata berdi.

Uly ekranlarda täze desgalaryň üpjünçiligi hem-de önümçilik kuwwatlyklary barada aýdyň düşünje almaga mümkinçilik berýän wideoşekiller görkezilýär. Bu ýerde ýyladyşhana önümçiliginiň iň gowy tejribesiniň, döwrebap usullarynyň we tehnologiýalarynyň ulanylmagy bilen gök ekinler, esasan-da, hili we tagamy bilen tapawutlanýan pomidor ösdürilip ýetişdiriler. Dabara gatnaşyjylaryň hatarynda welaýatlaryň häkimleri, täze obasenagat toplumlarynyň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular bar.

Sanly ulgam arkaly wideoaragatnaşygyna welaýatlar gezekli-gezegine çykýarlar.

Welaýatlardaky dabaralara gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa oba hojalyk pudagynda başyny başlan oňyn özgertmeleri, Watanymyzyň durmuş-ykdysady ösüşine mynasyp goşant goşmaga çalyşýan işewür düzümleri goldaýandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Şanly wakalar mynasybetli sebitleriň sungat ussatlary hem özleriniň ajaýyp çykyşlaryny taýýarladylar.

Soňra Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň başlygy D.Hudaýberdiýewe söz berildi, ol hormatly Prezidentimize ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmek üçin döredilýän şertler, halkymyzyň abadançylygyny we durmuş derejesini ýokarlandyrmak barada edilýän alada üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Soňra milli Liderimiz ýyladyşhana tarap ugrady we şol ýerde guralan oba hojalyk önümleriniň giň gerimli sergisi bilen tanyşdy. Bu ýerde ýurdumyzyň obasenagat toplumynyň ulgamlarynda ýöriteleşen telekeçiler we hususy öndürijiler tarapyndan öndürilen önümleriň, azyk hem-de gaýtadan işleýän senagatyň önümleriniň giň görnüşleri görkezildi.

Döwlet Baştutanymyz ýyladyşhana toplumy bilen tanyşlygyny tamamlap, bu ýerde ýetişdirilen pomidor hasylynyň ýygymynyň başlanmagyna badalga berdi hem-de ony ösdürmekde üstünlikleri arzuw edip, toplumyň ýolbaşçysyna täze oba hojalyk tehnikasynyň — dünýä meşhur «John Deere» traktorynyň açaryny dabaraly ýagdaýda gowşurdy.

Şeýle hem şol gün milli Liderimiziň adyndan beýleki welaýatlarda açylan ýyladaşhanalaryň ýolbaşçylaryna döwrebap oba hojalyk tehnikalary gowşuryldy.

Dabara tamamlanandan soň hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýere ýygnananlara uly üstünlikleri arzuw edip, özüne garaşýan dikuçara münüp, bu ýerden ugrady.

* * *

Şol gün ýurdumyzyň bäş welaýatynda ulanylmaga berlen täze ýyladyşhanalarda ýetişdirilen önümler ýüklenen awtomobil kerweni ýurdumyzyň we daşary döwletleriň sarp edijilerine gök önümleri ýetirmek üçin ýola düşdi.

*«Balkan».*

## EKOLOGIÝA — ŞÄHERGURLUŞYK STRATEGIÝASYNYŇ MÖHÜM UGRY

24-nji martda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow iş saparyny amala aşyryp, paýtagtymyzyň işewürlik we durmuş maksatly desgalaryň kemala gelýän ýeri bolan günorta künjeginde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy bilen tanyşdy.

Döwlet Baştutanymyz ir bilen ak mermerli Aşgabadyň günorta künjeginde sil suwuny sowujy akabalaryň we suw toplaýjy desgalaryň gurluşygynyň alnyp barylýan ýerine geldi.

Wise-premýer Ş.Durdylyýew alnyp barylýan sil suwlaryny sowujy akabalaryň we suw toplaýjy desgalaryň gurluşyk işleri, şeýle hem diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, tutuş Gündogar halklarynyň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň ýerleşdiriljek ýerleri, onuň töwereklerini abadanlaşdyrmak boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi hem-de bu işler barada giňişleýin maglumat berýän taslamalary we çyzgylary görkezdi.

Döwlet Baştutanymyz görkezilen taslamalar we çyzgylar bilen içgin tanşyp, olara birnäçe bellikleri aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Hormatly Prezidentimiz dostluga, watansöýüjilige, merdanalyga çagyrýan ajaýyp eserleri bilen dünýäde meşhur bolan Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň we onuň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşynyň häzirki zamanyň ösen binagärlik çözgütlerine laýyk gelmelidigini belledi.

Şunda bu ýerlerde gurulýan desgalar Köpetdagyň etegindäki tebigy aýratynlyklar bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirmelidir we olaryň taslamalary taýýarlananda häzirki zamanyň ösen tejribelerinden, milli binagärlik ýörelgelerinden we özboluşly tebigy aýratynlyklardan ugur alynmalydyr, ekologiýa meselelerine möhüm ähmiýet berilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow wise-premýer Ş.Durdylyýewe, gurluşyk we binagärlik ministri R.Gandymowa, Aşgabat şäheriniň häkimi Ý.Gylyjowa anyk tabşyryklar berdi.

Döwlet Baştutanymyz «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary astynda geçýän ýylyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygy we Aşgabat şäheriniň 140 ýyllygy mynasybetli dabaralara beslenýändigini aýdyp, ýerine ýetirilýän işlerde şanly senelere görülýän taýýarlyga möhüm ähmiýet berilmeginiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Milli Liderimiz Aşgabadyň taryhynyň dürli döwürlerinde döredijilik işgärlerini, aýdymçylary we kompozitorlary täze eserleri döretmäge ruhlandyrandygyny belläp, bu ýerde, Giňdiwaryň eteginde Magtymguly Pyragynyň toplumy ady bilen döredijilik işgärleri üçin niýetlenen merkeziň döredilmeginiň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Köpetdagyň etegindäki ýerlerde gurulýan sil suwlaryny sowujy desgalaryň ugry bilen akýan suwlaryň «Altyn asyr» Türkmen kölüniň akabasyna goşulyp, Garagumuň jümmüşinde ýerleşýän Türkmen kölüne akdyrylmagynyň ähmiýetini belledi hem-de degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklar berdi.

Döwlet Baştutanymyza sil suw akabalarynyň gurluşyklarynyň şekil taslamalary, şeýle hem akabalaryň ugrunda ýerleşdirilýän suw saklaýjy desgalar, olaryň geçjek ugurlary, awtoulag we demir ýol köprüleriniň ýerleşjek ýerleri barada maglumat berýän çyzgylar görkezildi.

Wise-premýer Ş.Durdylyýew sil suwlaryny sowujy akabalaryň ugrunda uly göwrümli howdanlaryň döredilýändigi, onda siliň getiren daşlarynyň owradylýandygy, şeýlelikde, sil suwlary süzülip, arassa suw alynýandygy barada giňişleýin maglumatlar berdi.

Döwlet Baştutanymyz Aşgabadyň günortasynda sil suwlardan goraýjy desgalaryň gurluşygyna, şol sanda tebigy akabalaryň ulanyş ýagdaýynyň degişli derejede saklanmagyna ileri tutulýan ähmiýet berilmelidigini belledi. Bu işde halkymyzyň köpasyrlyk tejribesinden ugur alynmagy zerurdyr diýip, milli Liderimiz nygtady.

Soňra gurluşyk we binagärlik ministri R.Gandymow gurluşygy alnyp barylýan sil suwlaryny sowujy desgalaryň toplumyndaky işleriň ýagdaýy, onuň çäklerinde oturdylmagy meýilleşdirilýän suw sorujylaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary hem-de olaryň kuwwaty barada hasabat berdi.

Aşgabat şäheriniň häkimi Ý.Gylyjow paýtagtymyzyň bu künjegini toplumlaýyn esasda döwrebaplaşdyrmak, aýratyn-da, bu ýerde ýakymly howa gurşawyny emele getirmäge gönükdirilen ekologiýa syýasatyny işjeňleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz desgalar, aýratyn-da, sil suw akabalary gurlanda, taslamalary düzülende, olaryň ýokary hilini, uzak möhletleýinligini üpjün etmek üçin ylmy taýdan esaslandyrylan çemeleşmelere aýratyn ähmiýet berilmelidigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow suw akabalaryny giňeltmek, olaryň geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak, şeýle hem suw akymyny sazlamak üçin suw sowujy desgalaryň zerur bolan möçberlerini, suw hojalyk desgalaryny, köprüleri gurmak boýunça alnyp barylýan işleriň netijeli dowam edilmelidigini belledi hem-de bu wajyp ähmiýetli işlerde dünýäniň öňdebaryjy tejribesiniň oýlanyşykly ulanylmalydygy we bu desgalaryň gurluşygynyň ylmy taýdan esaslandyrylmalydygy barada tabşyryklar berdi.

*«Balkan».*

# TER GÖK ÖNÜMLER – AK BAZARLARYŇ BEZEGI



Naýbaşy baýramymyz bolan mukaddes ýurt Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk, gözel paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllyk şanly senelerini dabaralanýan «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda hususy ulgamyň eýeleýän ornuny giňeltmek babatdaky tutumlar täze rowaçlyklara beslenýär. Hormatly Prezidentimiziň ak patasy bilen berkarar Diýarymyzyň welaýatlarynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary tarapyndan



gurlan alty sany ýyladyşhananyň dabaraly ýagdaýda açylyp, birbada ulanyşa tabşyrylmagy munuň subutnamasyna öwrüldi. Mähriban Watanymyzyň bagtyýar ilatynyň toý şatlygyny artdyryp, «Döwlet adam üçindir!» diýen baş taglymatymyzyň rowaçlyklara beslenýändiginiň güwäsi bolan bu taryhy pursat ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan özgertmekde netijeli sepgitlere ýetilýändigini ýene bir ýola tassyklady. Ter gök önümleri bilen zähmetsöýer halkymyzyň baýramçylyk saçaklaryny bereket bolçulygyny has-da artdyrjak ýyladyşhanalaryň arasynda welaýatymyzyň Türkmenbaşy şäherinde ýerleşýän gök önümleri ösdürip ýetişdirmäge ýöriteleşdirilen, dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň iň häzirki zaman tehnologiýalaryna daýanýan döwrebap ýyladyşhananyň mynasyp orun eýelemegi guwandyryjydyr. Umumy tutýan meýdany 4 gektar bolup, ýylda bir gektardan 20-50 tonna gök önümleri ýetişdirmek meýilleşdirilýän döwrebap ýyladyşhana welaýatymyzyň telekeçileriniň hem hojalygy ýöretmegiň netijeli usullaryny ornaşdyrmakda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmelere mynasyp goşantlaryny



goşýandyklaryna şaýatlyk edýär.

Kuwwatly ykdysadyýetimiziň agrosenagat toplumynyň durmuşynda şanly waka bolan bu ýyladyşhanalaryň ulanyşa tabşyrylmagy ak bazarlarymyzyň türkmen topragynda ýetişdirilýän gök önümler bilen bolelin üpjün edilmeginiň binýadynyň öňküden hem pugtalanýandygynyň güwäsidir. Halkymyzy bereketli topragymyzda ösdürilip ýetişdirilýän, ekologiýa taýdan arassa oba hojalyk önümleri bilen bolelin üpjün etmek, olaryň eksport möçberlerini yzygiderli artdyrmak bolsa, Gahryman Arkadagymyzyň pudagyň öňünde goýýan esasy wezipeleriniň biridir. Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryna abraý bilen hötde gelmek işleriniň Diýarymyzyň çar künjünde sazlaşykly alnyp barylmagy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Munuň özi ýurdumyzyň sebitleriniň giň tebigy mümkinçilikleriniň netijeli peýdalanylmagyna, oba hojalygyna dünýäniň öňdebaryjy tejribeleriniň hem-de işläp taýýarlamalarynyň üstünlikli ornaşdyrylmagyna, ene topragyň sözüň doly manysynda bereket çeşmesine öwrülmegini gazanmaga düýpli itergi berýär.

Ýubileý ýylynda işe girizilen ýyladyşhanalarda ösdürilip ýetişdirilýän gök önümleriň diňe bir içerki sarp edijilere ýetirilmän, eýsem, daşarky bazarlara hem yzygiderli ugradyljakdygy türkmen işewürleriniň bäsleşige ukyply, ýokary hilli önümleri bilen dünýä bazarlarynda eýeleýän mynasyp orunlaryny has-da berkitjekdikleriniň hem kepilidir. Telekeçilerimiziň gazanýan şeýle buýsançly üstünlikleri hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetiň



dürli ulgamlarynda hususy eýeçiligiň paýyny düýpli ýokarlandyrmak, kiçi we orta telekeçiligi, hususy başlangyçlary sazlaşykly we netijeli ösdürmek üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe hem-de durmuş şertlerini döretmek babatdaky taýsyz tagallalarynyň miwesidir. Döwlet derejesinde edilýän şeýle aladalara mynasyp iş netijeleri arkaly jogap bermek üçin ýurdumyzyň hususyýetçileri ykdysadyýetimiziň agrosenagat toplumynda hem ýokary zähmet öndürijiligini gazanyp, pudakda öndürilýän önümleriň möçberlerini yzygiderli artdyrmakda ähli tejribelerini orta goýýarlar. Telekeçilerimiziň şanly baýramlara toý serpaýlary — döwrebap ýyladyşhanalary munuň nobatdaky subutnamasydyr.

*Nurmämmet HYDYROW.*

*Surata düşüren Andreý PAKULOW, «Balkan».*



# ARKADAGA ÝÜREKLERDE ALKYŞ BAR



*Myratdurdy NAZLYÝEW, ýyladyşhananyň ýolbaşçysy:*

— Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hususy telekeçiler ýurdumyzyň ähli ugurlarynda alnyp barylýan işlere mynasyp goşant goşmak bilen, halkymyzy türkmen topragynda öndürilýän ýokary hilli azyk önümleri bilen üpjün etmekde hem giň gerimli işleri durmuşa geçirýärler. Mähriban Arkadagymyzyň berýän kömekdir goldawlarynyň netijesinde uly tejribe toplan hususy işewürlerimiz ekerançylyk meýdanlarynda, döwrebap ýyladyşhanalarda oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirýärler, kämil tehnologiýalar ornaşdyrylan kärhanalarda şol önümleri gaýtadan işleýärler.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýuna barýan şu ajaýyp günlerimizde Türkmenbaşy şäherinde döwrebap ýyladyşhananyň açylyp, ulanylmaga berilmeginiň hem «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynyň şanly seneleriniň hatarynda mynasyp orun eýeländigini buýsanç bilen aýdasym gelýär. Sebäbi sanly ulgam arkaly açylyş dabarasyna Arkadag Prezidentimiziň hut özüniň gatnaşmagy biziň — hususy işewürleriň başyny göge ýetiren waka boldy.

Eziz Diýarymyzda şunuň ýaly döredilýän giň şert-mümkinçiliklerden netijeli peýdalanyp, ilatymyzy ter gök önümler bilen üpjün etmekde ähli ukyp-başarnygymyzy, iş tejribämizi orta goýarys. Hususy işewürlere berýän uly kömek-goldawlary üçin Arkadag Prezidentimize alkyşymyz egsilmezdir.



*Agamämmet SOLTANOW, ýyladyşhananyň hünärmeni:*

— Hormatly Prezidentimiziň Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň has-da pugtalanmagy, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy ugrunda edýän aladasynyň netijesinde, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň uly ruhubelentlikde toýlanjak ýylynda welaýatymyzda häzirki zamanyň iň kämil enjamlary bilen üpjün edilen täze ýyladyşhanamyzyň açylyp, ulanylmaga berilmegi şatlygymyza şatlyk goşdy.

Bu dabaraly waka Gahryman Arkadagymyzyň ýer eýeleriniň türkmen topragynda öndürilýän önümleriň bolçulygyny döretmegi, bereketli hasylyň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmagy, importyň ornuny tutýan ýerli önümleri köp mukdarda öndürmegi ugrunda edýän taýsyz tagallalarynyň ýerine düşýändigine şaýatlyk edýär. Ata Watanymyzda halkymyzyň bolelin, eşretli durmuşda ýaşamagy, raýatlarymyzyň öz topragymyzda ýetişdirilýän dürli gök önümler bilen ýylyň tutuş dowamynda ygtybarly üpjün edilmegi babatda hormatly Prezidentimiziň edýän uly aladalaryna mynasyp goşant goşmak biziň esasy maksadymyz bolup durýar. Eziz Arkadagymyzyň özümize bildirýän ynamyny ödemek ugrunda yhlasly zähmetimizi gaýgyrmarys.



*Mähri ANNADURDYÝEWA, ýyladyşhananyň işçisi:*

— Sahawatly toprak — rysgal-berekediň çeşmesi. Alyn deriňi döküp, halal zähmet çekseň, ene toprak hasylyny bolluk bilen eçilýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe mähriban Arkadagymyzyň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyny, telekeçiligi ösdürmekde guwandyryjy işler alnyp barylýar. Milli Liderimiziň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesine esaslanyp durmuşa geçirilýän işler halkymyzyň bolelin hem-de asuda ýaşamagyna gönükdirilendir. Bereketli topragymyzda öndürilýän gök we bakja önümleri ýokary hililigi, ekologiýa taýdan arassalygy bilen tapawutlanyp, olar halkymyzyň islegini doly kanagatlandyrýar. Göreniňde gözüňi dokundyrýan ter önümler ak bazarlarymyzy bezeýär. Türkmenbaşy şäherinde täze açylan, kämil tehnologiýalar bilen üpjün edilen döwrebap ýyladyşhanamyzda ýylyň ähli paslynda gök önümleriň bol hasylyny ýetişdirmäge hemme mümkinçilikler bar.

Girdejili işlemegimiz, toprakdan bol hasyl almagymyz üçin giň ýol açýan mähriban Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun!

# MILLI DEMOKRATIÝAMYZYŇ MÖHÜM AÝRATYNLYGY

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň agzalarynyň ertir geçiriljek saýlawlary hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda döwletimiziň kanunçylyk esaslaryny berkitmek bilen, döwlet dolandyrylyşynda halkyň işjeň ornuny pugtalandyryp, milli demokratiýamyzy kämilleşdirmekde uly üstünlikleriň gazanylýandygyny nobatdaky gezek dünýä ýaýar. Gahryman Arkadagymyz häkimiýet bilen halkyň jebisliginde we hemişelik hyzmatdaşlygynda döwrüň öňdebaryjy, ähli ugurlarda okgunly ösýän kuwwatly döwletini gurup boljakdygyny hemişe aýratyn nygtaýar. Şu hakykatdan ugur alyp, Arkadag Prezidentimiz iki palataly ulgama geçmek başlangyjyny öňe sürdi. Bu başlangyç halkymyzyň giň goldawyna eýe boldy. Şeýlelikde, «Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny kabul edildi. Oňa laýyklykda, ýurdumyzyň milli parlamenti Milli Geňeş, onuň kanun çykaryjy palatasy Mejlis, wekilçilikli palatasy bolsa Halk Maslahaty diýlip atlandyryldy.

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli başlangyçlaryna, halkymyzyň ählumumy goldawyna daýanyp, ýurdumyzyň kanun çykaryjy edarasynyň gurluşynda amala aşyrylan bu özgertmeler jemgyýetçilik we döwlet durmuşyny mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmak üçin möhüm şertleri üpjün etmek ýaly asylly maksada gönükdirilendir. Bu maksada ýetmekdäki tagallalaryň rowaçlygy döwleti dolandyrmagyň demokratik ýörelgeleriniň baýlaşmagynda hem-de işjeňleşmeginde mynasyp beýanyny tapar.

Gahryman Prezidentimiziň elmydama jaýdar nygtaýşy ýaly, döwletimiziň kanunçylyk esaslarynyň yzygiderli berkidilmegi ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn gülläp ösmeginde wajyp ähmiýetlidir. Şu nukdaýnazardan alanyňda, iki palataly parlament ulgamyna geçilmegi Milli Parlamente jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň wekilçilik etmeginde hem-de ata Watanymyzyň köptaraply ösüşine täzeçe itergi berjek oňyn çözgütleriň işlenip taýýarlanmagynda zerur bolan şert-mümkinçilikleri üpjün eder. Hil taýdan täze iki palataly ulgamyň döredilmegi ýurdumyzyň raýatlarynyň döwlet häkimiýetini dolandyrmaga bolan konstitusion hukuklarynyň Arkadag Prezidentimiziň berkarar eden bagtyýarlyk döwrüniň ruhuna laýyk derejede üpjün edilmeginde hem möhüm ädimdir. Şeýle-de, bu özgertmeler adam hukuklarynyň iň ýokary gymmatlyk hökmünde ykrar edip, muny Esasy Kanunymyz — Konstitusiýamyz arkaly berkidýän Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzda adalatlylyk ýörelgeleriniň pugtalandyrylýandygyny hem ähli aýdyňlygy bilen görkezýär.

Iki palataly parlament ulgamyna geçmek arkaly öňde goýulýan baş wezipeleriň birem ýurdumyzyň ähli ugurlarda gazanýan okgunly ösüşini mundan beýläk-de ygtybarly üpjün etmekden ybaratdyr. Şunda amala aşyrylýan köp ugurly uzak möhletleýin maksatnamalaryň kanunçylyk binýadyny yzygiderli kämilleşdirmegiň hasabyna has-da berkitmek möhüm şertleriň biri bolup durýar. Gahryman Arkadagymyzyň ýglan eden «Döwlet adam üçindir!» diýen baş taglymatynyň ynsanperwer ýörelgelerinden ugur alnyp, halkymyzyň röwşen geljegine gönükdirilen beýik tutumlaryň, ählumumy bähbitleri nazarlaýan iri möçberli taryhy taslamalaryň durmuşa geçirilmeginde wajyp orny eýeleýän kanunçylyk-hukuk resminamalarynyň işlenilip taýýarlanylmagynda iň oňat dünýä tejribeleriniň milli tejribeler bilen sazlaşygynyň wajyplygy bolsa hemmä düşnüklidir. Iki palataly parlament ulgamynyň şunuň ýaly möhüm ähmiýetli taraplarynyň bardygyny buýsanç bilen nygtasa bolar. Sebäbi, Milli Parlamentiň iki palataly ulgama geçmegi bilen, onuň düzümine jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň wekilçilik etmek mümkinçiliginiň gerimi has-da giňeýär. Munuň özi, iki palataly parlament ulgamyna geçilmeginiň agzybir halkymyzyň egsilmez döredijilik mümkinçiliklerini bir kuwwatly güýje öwrüp, Arkadag Prezidentimiziň öz halkyna peşgeş beren Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň nurana geljegine gönükdirilen beýik tutumlarynyň elmydama rowaçlyklara beslenmeginde netijeli peýdalanmaga şertleri döredýändigine hem doly şaýatlyk edýär. Diýmek, ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, Türkmenistanyň Mejlisiniň hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň wekilçilikli kanun çykaryjy häkimiýetiň wezipelerini ýerine ýetirýän edaralar ulgamyna goşulmagy, ýagny iki palataly ulgama geçilmegi jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň bähbitlerine wekilçilik edilmegini üpjün eder. Şonuň üçin hem şu ýylyň 28-nji martynda geçiriljek saýlawlarda baý durmuş tejribesi bolan, döwlet we jemgyýetçilik işleriniň dürli ugurlarynda aýratyn hyzmatlary bitirip, halk arasynda uly abraý-hormatdan peýdalanýan mynasyp adamlar Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň agzalygyna saýlanar.

Milli demokratik ýörelgelerimize, ynsanperwerlige esaslanýan raýat jemgyýetini pugtalandyrmak bilen, türkmen halkyny ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly öňe alyp barýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin!

*Nury MÄMMEDOW.*

# PARAHATÇYLYK ŞUGLASY

Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyzlygy gazanan ilkinji günlerinden başlap, daşary syýasatda bitaraplyk ugruny saýlap almagy, parahatçylyk söýüjilik, oňyn bitaraplyk, «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredip başlamagy ýurdumyzyň dünýä bileleşigine işjeň goşulyşyp gitmegine ýardam etdi. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 50-nji sessiýasynda dünýäniň 185 döwletiniň goldamagynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Rezolýusiýa biragyzdan kabul edildi. Bu möhüm resminama Türkmenistanyň bitaraplygynyň we onuň parahatçylyk dörediji tagalalarynyň dünýä döwletleri tarapyndan ykrar edilmegi boldy.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäniň köp sanly döwletleri we halkara guramalary bilen deňhukukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny alyp barýar. Bitarap Türkmenistan döwletimiziň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan energetika, ykdysady, durmuş, medeni we ekologiýa hyzmatdaşlygy boýunça ençeme Kararnamalaryň kabul edilmegi Gahryman Arkadagymyzyň alyp barýan daşary syýasatynyň abraýly gurama bolan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan uly goldawa eýe bolýandygynyň subutnamasydyr.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň pähim-paýhasly ýolbaşçylygynda Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň halkara abraýy has-da belende galyp, halkara möçberindäki tutumly işler täze tapgyra çykdy. Eziz Diýarymyzyň dünýä we sebit möçberinde alyp barýan işlerine halkara jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary bahanyň berilmegi hem muňa güwä geçýär.

Merdana halkymyza asuda, abadan durmuşy peşgeş beren Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolup, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlary rowaç alsyn!

*Maksatmyrat ANNAÝEW,*
*Türkmenbaşy etrabynyň prokurorynyň kömekçisi, 3-nji derejeli ýurist.*

# NURANA YKBALLY DIÝAR

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygy hem-de dünýä nusgalyk tutumlary netijesinde günlerimiz şöhratly taryhymyzy bezeýän şanly wakalara beslenýär. Munuň özi berkarar Diýarymyzyň bagtyýar raýatlarynyň bähbitlerini nazarlaýan beýik maksatlary durmuşa geçirmegi baş maksady hasaplaýan döwlet Baştutanymyzyň bu ugurdaky tagallalarynyň rowaçlyklara beslenýändiginiň subutnamasy bolup durýar.

Mähriban Watanymyzyň durmuşymyzy täze öwüşginler bilen baýlaşdyrjak il-ýurt bähbitli işler, bagtyýar durmuşda ýaşamak, döretmek, gurmak üçin döredilýän giň mümkinçilikler, durmuş-ykdysady özgertmelerde eýelenýän sepgitler milli Liderimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen taglymatyna bolan ynamymyzy pugtalandyrýar, döwletimiziň ynsanperwer syýasatyna bolan söýgi-buýsanjymyzy artdyrýar. Ýurdumyzyň bagtyýar raýatlarynda il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli tutumlary amala aşyrmaga işjeň gatnaşmaga höwes döredýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň we jemgyýetçilik durmuşymyzyň ähli ugurlaryny gurşap alan özgertmeleriň, Diýarymyzyň şan-şöhratyny artdyrjak, halkymyzyň mertebesini öňküdenem belende göterjek şanly wakalaryň mundan beýläk hem rowaçlanjakdygyny buýsanç bilen aýdyp bileris. Watanymyzyň, agzybir halkymyzyň beýik geljeginiň hatyrasyna gijesini gündiz edip zähmet çekýän, ýurduň kuwwatyny artmagyny, döwletimiziň abadançylygyň ülkesine öwrülmegini döwlet syýasatynyň düýp özeninde goýýan hormatly Prezidentimiziň hemişe jany sag bolup, beýik maksatlary rowaçlyklara beslensin!

*Gülnabat AÝMÄMMEDOWA,*
*Hazar şäher medeniýet bölüminiň Garagöl şäherçe medeniýet öýüniň müdiri.*

# MILLI MEDENIÝET – GÖWÜNLERIŇ GANATY

Ýurdumyzda medeniýet ulgamyny ösdürmek babatda uly işler durmuşa geçirilýär. Milli medeniýetimize we sungatymyza uly sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyzyň: «Häzirki döwürde türkmen medeniýetiniň, sungatynyň we edebiýatynyň has-da ösmegi, täze eserler bilen baýlaşmagy üçin döwletimizde ähli şertler we giň mümkinçilikler döredilýär» diýen sözlerinden hem görnüşi ýaly, ýurdumyzda bu ulgamy has-da rowaçlandyrmak, ýaş zehinleri ýüze çykarmak, ata-babalarymyzdan däp bolup galan halypa-şägirtlik ýörelgesini ösdürmek, ýaşlaryň öz zehinlerini açyp görkezmekleri, saýlap alan ugurlary boýunça barha kämilleşmekleri üçin bagtyýarlyk döwrümizde uly işler amala aşyrylyp, olar buýsanylmaga, guwanylmaga mynasypdyr.

Medeniýet babatda geçirilýän işler, dürli mazmunly çäreler Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyz bilen dünýä döwletleriniň arasyndaky hoşniýetli dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýe bolup, milli medeniýetimize hem-de sungatymyza uly üns berilýändiginiň, bu ulgamda zähmet çekýän adamlaryň, döredijilik işgärleriniň döwlet tarapyndan hemişe hormat-sarpa, goldaw-hemaýata eýediginiň subutnamasydyr.

*Anastasiýa KONOWALOWA,*
*welaýat çagalar sungat mekdebiniň ýokary derejeli mugallymy.*

# ÖSÜŞLERE BESLENÝÄN ULGAM

Milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmagy döwlet syýasatynyň möhüm ugry hökmünde kesgitlän hormatly Prezidentimiz ylymly, bilimli ýaşlary kemala getirmegi hemişe üns merkezinde saklaýar. Gahryman Arkadagymyzyň döwletli çözgütleri esasynda gysga döwrüň içinde bilim ulgamyny düýpli kämilleşdirmekde, ýaş nesle bilim bermegiň hil derejesini dünýä ülňülerine laýyk getirmekde giň gerimli işler amala aşyryldy. Watanymyzyň daýanjy bolan ýaş nesliň berk bedenli, sagdyn ruhly, giň dünýägaraýyşly adamlar bolup ýetişmekleri üçin dünýä ylmynyň iň soňky gazananlaryny ulgama ornaşdyrmakda uly üstünlikler gazanylýar.

Ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmekde alnyp barylýan giň möçberli tutumlara mynasyp goşant goşmaga ukyply, watansöýüji nesilleri terbiýeläp ýetişdirmekde ähli şert-mümkinçilikleri döredýän hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen häzirki zaman hil ülňülerine laýyk gelýän orta mekdeplerdir çagalar baglary gurlup, olar kämil kompýuterler, interaktiw-multimediýa enjamlary bilen enjamlaşdyrylýar.

Mähriban Arkadagymyz häzirki zaman türkmen jemgyýetinde ylym, bilim, hünär, terbiýe meselelerinde uly wezipeleri öňde goýýar. Ýaş nesle berilýän bilimiň hili şahsyýetiň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüşini üpjün edýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny döwrebap ösdürmek ugrunda alyp barýan işleriniň çuň mana eýedigini görkezýär. Biz — mugallymlar hem jemgyýetimizde edepli, bilimli ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda mundan beýlägem yhlasymyzy gaýgyrmarys.

*Jennetgül HUDAÝBERDIÝEWA,*
*Serdar şäherindäki 8-nji orta mekdebiň mugallymy.*

# KÖRPELERDE KITAPLARA SÖÝGI DÖREDÝÄRIS

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bilimli, arassa ahlakly, edep-terbiýeli nesilleri kemala getirmek bolup durýar. Çünki şahsyýetiň kämilligi, ilkinji nobatda, terbiýeden gözbaş alýar. Hormatly Prezidentimiz ösüp gelýän ýaş nesli watansöýüjilik, ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemekde ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän asylly ýol-ýörelgelerimiziň, däp-dessurlarymyzyň, milli medeni mirasymyzyň aýratyn orun tutýandygyny hemişe nygtaýar. Şonuň üçin hem biz körpelere terbiýe bermekde bu ugra aýratyn üns berýäris.

Körpelere çeper eserleri, ertekileri okap bermek, eserleriň gahrymanlary hakynda düşünje bermek, şol gahrymanlaryň keşplerini janlandyryp görkezmek olaryň ukyplaryny ösdürmäge ýardam edýär. Milli terbiýede ene diliniň, edebiýatyň, aýdym-sazyň, şekillendiriş sungatynyň hyzmaty örän uludyr. Bu zatlaryň ählisi çaganyň dünýägaraýşynyň ösmegine hem-de onuň ruhy dünýäsiniň baýlaşmagyna getirýär.

Ata Watany, ene topragy söýýän, giň gözýetimli nesli terbiýeläp ýetişdirmek üçin geljekde hem ukyp-başarnygymyzy gaýgyrman zähmet çekeris.

*Akbäbek SEÝIDOWA,*
*Balkanabat şäherindäki 44-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulçysy.*


Hormatly müşderiler!




Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky 2021-nji ýylyň 10-njy martyndan başlap «Altyn asyr», şol sanda «Maşgala» bank kartlaryny saklaýjy müşderilerine söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl görnüşinde geçirilen her bir amalyň möçberinden berilýän «Cash back» pul sylagyny **2** göterim möçberinde ýokarlandyrandygyny habar berýär.

Pul sylagy her aýyň soňundan gelýän aýyň 5-ine çenli müşderilerimiziň bank kart hasaplaryna geçirilýär.

«Cash back» hyzmatynyň düzgünleri bilen bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasy arkaly tanşyp bilersiňiz.

Hormatly müşderiler! Nagt däl hasaplaşyklaryň ähli amatlyklaryndan peýdalanyň!

Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: 44-03-04
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynda ýerleşdirilen.


# SAGLYGYM – BAŞ BAÝLYGYM

1. Otaglary arassa saklamaly we howasyny täzeläp durmaly.
2. Immunitetiňi ýokarlandyrmak üçin C witaminine — askorbin turşusyna baý önümleri iýmeli.
3. Howa şertlerine görä geýinmek bilen, ýörite agyz-burun örtüklerini dakynmaly, birek-birek bilen howpsuz 2 metr aralygy saklamaly.
4. Sport bilen meşgullanmagy, maşklary ýerine ýetirmegi gündelik endigiňe öwürmeli.





## Balkan welaýatynyň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem welaýatyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!

Balkan welaýatynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirligi hem-de Türkmenbaşy etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2021-nji ýylyň 29-njy martynda Türkmenbaşy etrabynyň Türkmenbaşy şäherçesiniň bilim bölüminiň edara binasynyň 1-nji gatynda sagat 10:00-dan 12:00-a çenli aralykda ilata boş iş orunlarynyň hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýärler.

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini, işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

**Biziň salgymyz: Türkmenbaşy etrabynyň Türkmenbaşy şäherçesiniň Magtymguly köçesiniň 11-nji jaýy. Tel.: (800243) 79-9-36.**


**Hormatly raýatlar!**

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky raýatlara melleginde (kömekçi hojalygynda, bölünip berlen ýer böleginde) ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek maksady bilen, oba hojalyk önümlerini öndürmek, esasy we dolanyşyk serişdelerini edinmek hem-de iri önümçilikler üçin zerur bolan ýerli çig mallary öndürmek üçin nagt däl görnüşinde kiçi göwrümli karzlary hödürleýär.

Karzyň möçberi — 30 000 (otuz müň) manada çenli.
Karzyň göterimi — ýyllyk 10 (on) göterim.
Karzyň möhleti — 3 (üç) ýyla (alty aý ýeňillikli döwri bilen) çenli.
Karzyň üpjünçiligi — tölege ukyply üçünji tarapyň zamunlygy ýa-da girew emlägi.

*Habarlaşmak üçin Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankyna we onuň şahamçalaryna ýüz tutup bilersiňiz.*
*Telefon belgilerimiz:*
*Merkezi edarasy: 38-03-79, 38-03-65.*
*Ahal welaýaty (800137)-33-4-39.*
*Balkan welaýaty (800246) 5-21-51.*
*Daşoguz welaýaty (800322) 9-35-07.*
*Lebap welaýaty (800422) 9-13-48.*
*Mary welaýaty (800522) 6-76-40.*


# TELERADIOÝAÝLYMLAR

*2021-nji ýyl, 29-njy mart — 4-nji aprel*

## «ALTYN ASYR: TÜRKMENISTAN» TELERADIOÝAÝLYMY

### ALTYN ASYR

#### DUŞENBE-29
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Berkararlyk bagty.
09.00 Watan.
09.30 Döwletli döwran.
10.20 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Mary welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Hepdäniň möhüm wakalary.
13.30 Döwri-döwranly Watan.
14.30 Bitarap Türkmenistan.
15.00 Watan.
15.30 Jahanda näler görner.
16.00 Watan waspy.
17.00 Diýar (Ahal welaýaty).
18.00 Baky bagtyýar mekanda.
18.45 Türkmen dokmasy.
19.30 Agrar syýasat.
20.15 Bedew batly Türkmenistan.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Ahal welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

#### SIŞENBE-30
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Watanym — buýsanjym.
08.30 Telekeçilik işiniň esaslary.
09.00 Watan.
09.30 Baky bagtyýar mekanda.
10.05 Bedew batly Türkmenistan.
10.50 Jahan ýaňy.
11.20 Agrar syýasat.
12.00 Watan.
12.30 Berkarar döwletim.
13.30 Zehin bäsleşigi.
14.00 Dillerde dessan Watan.
15.00 Watan.
15.30 Dünýä tebigaty.
16.10 Zeminiň görki.
17.00 Diýar (Balkan welaýaty).
18.00 News.
18.10 Söz mülküniň bossany.
18.50 Ösüşe tarap.
19.30 Bagtyýarlygyň täze gadamlary.
20.10 Jemgyýet we kanun.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Balkan welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

#### ÇARŞENBE-31
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Garaşsyz Diýarym.
08.30 Gözelligiň yşkynda.
09.00 Watan.
09.30 Ösüşe tarap.
10.20 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Ahal welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Berkarar döwletim.
13.25 Bagtyýarlygyň täze gadamlary.
14.00 Berkararlyk bagty.
15.00 Watan.
15.30 Jahanda näler görner.
16.10 Melhemler dünýäsi.
17.00 Diýar (Daşoguz welaýaty).
18.00 Merdana nesiller.
18.45 Dost-doganlyk serhedi.
19.30 Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistana gulluk edýärin!
20.20 Parahatlyk — ýürek baýdagy.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Daşoguz welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

#### PENŞENBE-1
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Arkadagly ajap Watan.
09.00 Watan.
09.30 Jemgyýet we kanun.
10.25 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Balkan welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Berkarar döwletim.
14.00 Watanym — buýsanjym.
15.00 Watan.
15.30 Dünýä tebigaty.
16.00 Il saglygy — ýurt baýlygy.
17.00 Diýar (Lebap welaýaty).
18.00 News.
18.10 Myhmançylykda.
19.00 Bereketli Garagum.
19.35 Bereket mekany.
20.15 Belent sepgitler, aýdyň maksatlar.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Lebap welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

#### ANNA-2
06.55 Berkararlyk mukamy.
